# Türkmeniñ ahwaly

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmeniñ ahwaly

TÜRKMENIÑ AHWALY

Ýandakdan pes dagdan belent,
Boldy türkmeniň ahwaly.
Aýak astynda oba-kent,
Öldi türkmeniň düyp ýoly.

Eý ýumrulmyş köne dünýä,
Kimler saňa boldy eýe,
Geçen günüm diýe-diýe,
Aglamak türkmeniň haly.

Bir sallançak dokuz oglan,
Mündi, düşdi, geçdi döwran,
Köne dünýä soňy weýran,
Çyna meňzär mekri-aly.

Kyrk şäherden hyraç aldy,
Oguz ili äleme doldy,
Çoh döwran geldi, sowuldy,
Hany onuň däbi-ýoly.

Körhan ogly Ugurjyk alp,
Gyrdy türk ilin at salyp,
Görogly oňa at galyp,
Paç alyp geçdi sag-soly.

Doglup ikinji Ugurjyk,
Ýada satylandyr birçak,
Döwran dolanýandyr her çak,
Düzlener türkmeniň haly.

Gel, Şeydaýy, köňlüň alda,

Ýalan söz çykyp her dilde,
Her bela bolsa görelde,
Bulandyrdy biziň ili.

ŞEÝDAÝY.

Goşgular